***Paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky bilelikdäki toparyň 24-nji mejlisi geçirildi. Oňa ýurdumyzyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň wekilleri, şeýle-de Ýewropa Bileleşiginiň Daşary gatnaşyklar gullugynyň Gündogar Ýewropa we Merkezi Aziýa boýunça dolandyryjy direktorynyň orunbasary Audrone Perkauskeneniň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet gatnaşdy.***

Mejlisde bilelikdäki işleriň netijelerine garalyp, ýakyn geljekde ýerine ýetirilmeli wezipeler ara alnyp maslahatlaşyldy. Mejlisiň dowamynda söwdanyň ösüşi, Türkmenistanyň Bütindünýä Söwda Guramasyna (BSG) goşulmagy bilen bagly işler hem üns merkezinde boldy. Şunda ÝB-niň ýurdumyzyň BSG-ä goşulmagy ugrunda berýän goldawy we tehniki kömegi üçin hoşallyk bildirildi. Erkin ykdysady zolaklary öwrenmek we ösdürmek, döwlet-hususy hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek, ýurduň sebitlerinde ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak, telekeçilik üçin deň derejeli meýdança döretmek babatda tagallalaryň güýçlendirilendigine üns çekildi.

Mejlise gatnaşyjylar sebitleriň arasynda ulag arabaglanyşygyny üpjün etmegiň, ÝB-niň «Global Gateway» başlangyjynyň çäklerinde ýol-ulag resminama işiniň elektron dolanyşygyny ösdürmegiň, energiýa serişdeleriniň iberilişini diwersifikasiýalaşdyrmagyň, energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalary ornaşdyrmagyň, bilim we adam hukuklary ulgamynda hyzmatdaşlygy ilerletmegiň hem zerurdygyny nygtadylar.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026